# TÜRKMENISTANYŇ
# “TÜRKMENBAŞY” DÖWLET
# TÄJIRÇILIK BANKY

2018-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylynyň
**Maliýe hasabatlylygy**

**we garaşsyz auditorlaryň hasabaty**

**(Iňlis dilinden terjime edildi)**

## TÜRKMENISTANYŇ “TÜRKMENBAŞY” DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

### MAZMUNY


| | Sahypa |
|---|---|
| ÝOLBAŞÇYLARYŇ 2018-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ TAÝÝARLANYLMAGY WE TASSYKLANYLMAGY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK BARADA TASSYKLAMASY | 2 |
| GARAŞSYZ AUDITORLARYŇ HASABATY | 3-5 |
| 2018-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ MALIÝE HASABATLYLYGY: | |
| Peýda ýa-da ýitgiler şeýle hem gaýry jemlenilen girdejiler barada hasabat | 6 |
| Maliýe ýagdaýy barada hasabat | 7 |
| Maýa görkezijileriň üýtgemegi bilen bagly hasabat | 8 |
| Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat | 9-10 |
| Maliýe hasabatlylygyna degişli bellikler | 11-52 |

## TÜRKMENISTANYŇ “TÜRKMENBAŞY” DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

### ÝOLBASÇYLARYŇ 2018-nji ÝYLYŇ 31- nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ TAÝÝARLANYLMAGY WE TASSYKLANYLMAGY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK BARADA TASSYKLAMASY

Garaşsyz auditorlaryň borçlarynyň beýany bilen bilelikde seredilmeli aşakda getirilen tassyklama Türkmenistanyň “TÜRKMENBAŞY” döwlet täjirçilik bankynyň (mundan beýläk “Bank” diýip atlandyrylýar) maliýe hasabatlylygyna degişlilikde garaşsyz auditorlaryň we Bankyň ýolbaşçylarynyň jogapkärçiligini aýdyňlaşdyrmak maksady bilen düzülýär.

Bankyň ýolbaşçylary Maliýe hasabatlylygynyň halkara ülňülerine (mundan beýläk “MHHS” diýip atlandyrylýar) laýyklykda 2018-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin Bankyň maliýe hasabatlylygyny ähli möhüm jähtlerde aýdyňlaşdyrýan Bankyň maliýe ýagdaýyny, işiniň netijelerini, pul serişdeleriniň hereketini we Bankyň maýa görkezijileriniň üýtgemelerini görkezýän maglumatlarynyň dogrylygy barada jogap berýär.

Maliýe hasabatlylygy taýýarlanylanda Bankyň ýolbaşçylary şu aşakdakylara jogapkärçilik çekýärler:

- buhgalter hasabynyň degişli ýörelgeleriniň saýlanyp alynmagyna we olaryň yzygider ulanylmagyna;
- esaslandyrylan bahalaryň we hasaplaşyklaryň ulanylmagyna;
- MHHS talaplarynyň berjaý edilmegine
- maliýe hasabatlylygy taýýarlanylanda, bikanun bolup durýan ýagdaýlaryndan başga, ýakyn gelejekde Bank öz iş hereketini dowam etdirer diýip çaklamasyna görä.

Ýolbaşçylar şu aşakdakylara hem jogapkärçilik çekýärler:

- Bankda içerki gözegçilik ulgamyny işläp düzmek we ornaşdyrmak hem-de bu ulgamyň işleýşini netijeli we ygtybarly üpjün etmek;
- islendik pursatda Bankyň maliýe ýagdaýy barada maglumatlary ýeterlik takyklyk derejesinde taýýarlamaga we maliýe hasabatlylygyny MHHS talaplaryna laýyklygyna ýöretmäge mümkinçilik berýän buhgalterçilik hasaba almak ulgamynyň alnyp barylmagynyň goldawyna;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna we buhgalterçilik hasaba almak ülňülerine laýyklykda Bankyň buhgalterçilik hasaba almak işleriniň alnyp barylmagyna;
- Bankyň aktiwleriniň gorap saklanmagyny üpjün etmekde, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde degişli çäreleriniň görülmegine
- Galplyklaryň, ýalňyşlyklaryň, berlen ygtyýarlykdan kanunsyz peýdalanylmagy we beýleki bidüzgünçilikleriň ýüze çykarylmagyna we olaryň öňüni almaklyga.

2018-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyň maliýe hasabatlylygy Bankyň ýolbaşçylary tarapyndan 2019-nji ýylyň aprel aýynyň 30-na tassyklanyldy.

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

| | |
|---|---|
| **Jumagylyjow Jumagylyç** | **Sarjaýewa Ogulşeker** |
| **Müdiriýetiň Başlygy** | **Baş hasapçy** |
| 2019-nji ýylyň aprel aýynyň 30-y | 2019-nji ýylyň aprel aýynyň 30-y |
| Aşgabat ş, Türkmenistan | Aşgabat ş, Türkmenistan |

BDO

Tel : +90 212 365 62 00
Fax: +90 212 365 62 01
e-mail: bdo@bdo.com.tr
www.bdo.com.tr

BDO Denet Bağımsız Denetim
ve Danışmanlık Anonim Şirketi
Ticaret Sicil No : 254683
Mersis No : 0291001084600012
Şirket Merkezi : Eski Büyükdere Cad.
No:14 Park Plaza
Kat:4 Maslak 34398
İstanbul, Turkey

## GARAŞSYZ AUDITORLARYŇ HASABATY

Türkmenistanyň "TÜRKMENBAŞY" döwlet täjirçilik bankynyň ýolbaşçylaryna:

## Auditoryň bellikli pikiri:

Biziň pikirimize görä, "Auditoryň bellikli pikiri üçin esas" bölegind bellenen meselelerden başga ýagdaýlar üçin, goşulýan maliýe hasabatlylygy Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna (MHHS) laýyklykda 2018-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna ähli möhüm jähtlerde Türkmenistanyň "TÜRKMENBAŞY" döwlet täjirçilik bankynyň (mundan beýläk "Bank" diýip atlandyrylýar) maliýe ýagdaýyny, şeýle hem görkezilen senede tamamlanan ýyl boýunça onuň maliýe netijelerini we pul serişdeleriniň hereketini dogry görkezýär.

Biz Bankyň 2018-nji ýylyň 31 -nji dekabry ýagdaýyna degişli bolan bankyň maliýe ýagdaýy barada hasabaty, görkezilen senede tamamlanan ýyl boýunça peýda ýa-da ýitgiler we jemlenen girdejiler, maýadaky üýtgemeler barada hasabaty we pul serişdeleriniň hereketleri barada hasabaty, şeýle hem maliýe hasabatlylygynyň belliklerini we hasaba alyş syýasatynyň esasy düzgünleriniň gysgaça synyny öz içine alýan maliýe hasabatlylygynyň goşulýan nusgasynyň auditini geçirdik.

**Auditoryň bellikli pikiri üçin esas**

- Hökmany 2018-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-den başlaýan ýyllyk döwürleri üçin "MMHÜ 9 Maliýe abzallary" standarty Bank kabul etmedi, ýöne möhletden öň ulanyş rugsat berilýär. "MMHÜ 9 Maliýe abzallary" goşulan maliýe hasabatyna täsir edýänligiň gerekli auditor subutnamalary biz tapyp bilmedik we biz alternatiw auditor usullary geçirip bilemzok şol sebäpli . Bu sebäpden bu maliýe hasabata gerekli bolan düzedişleriň bar ýa-da ýokdygyny kesgitläp bilmedik.

- Bankyň 2018-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna esaslyk maýasynyň ýeterlik koeffisienti esaslyk maýasynyň talap edilýän ýeterlik koeffisientine laýyk gelmeýär.

- 2018-nji ýylynyň Dekabr aýynyň 31-i ýagdaýyna Döwlet kärhanasyna umumy mukdary 4,195 million manat, 1,281 million manat we 1,169 million manat "Türkmenhimiýa", "Türkmennebit", Demir ýollar ministrligine laýyklykda karz berildi. Bu karz alyjylar bu karzlaryň esasy we göterim töleglerini töläp bilmediler. Bankyň ýolbaşçylygy karzlar boýunça bolup biljek ýitgileriň ätiýaçlygyny bankyň içki usulyýeti esasynda 119,934 müň manat bahalandyrdy. Emma biz bu ýagdaýyň ýeterligi bilen baglylykda ýeterlik we laýyk gelýän auditor subutnamalary alyp bilmedik. Yzygiderlikde, biz goşulýan maliýe hasabatynyň düzedişleriň girizilmegi hökmany ýa-da däldigini kesgitläp bilmedik.

- 18-nji maddada aýan edilşi ýaly Bank esasy serişdelere gaýtadan baha bermegi amala aşyrdy. 2018-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna bazar (adalatly) bahasyna düzedişiň möçberi 16,996 müň manada (2017-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna 17,458 müň manada) deň boldy. Bu gaýtadan baha bermeklik Türkmenistanyň Maliýe Ministrligi tarapyndan kesgitlenilen indeksleriň ulanylmagy bilen geçirildi, we biziň pikirimizçe 16 MHHS-nyň (BHHS) "Esasy serişdeler" we 13 MHHS-nyň (MHHS) "Bazar (adalatly) bahany bahalandyrmak" boýunça talaplaryny kanagatlandyrmaýar. MHHS bilen bu talaba laýyk gelmezlikligiň täsirini kesgitlemek üçin goşmaça audit işlerini geçirmeklik mümkin däldi, şonuň üçin biziň bu talaba laýyk gelmezligiň maliýe hasabatlylygynda bellenilen esasy serişdeleriň bahasyna, gaýtadan baha bermek boýunça ätiýaçlyklara, könelmeklige we paýlanylmadyk peýda täsirini kesgitlemäge mümkinçiligimiz bolmady.

  Biz audity MHHS bilen laýyklykda geçirdik. Biziň borçlarymyz şu standartlara göra biziň hasabatymyzyň "Auditoryň maliýe hasabatynyň audityna jogapkärçiligi" babynda ýazylan. Biz buhgalteriň etikaň halkara standartlaryň Geňeşiniň " Professional buhgalterleriň etikasynyň kodeksi" we Türkmenistanda maliýe hasabatynyň audita degişli etiki talaplara laýyklykda Bankdan garaşsyz bolup durýarys, we şu talaplara we PBEK kodeksa görä etiki borçlary ýerine ýetirdik. Biziň alan auditor subutnamalar auditoryň bellikli pikir esas üçin doly we ýerli hasap edýäris.

BDO Denet Bağımsız Denetim ve Danışmanlık A.Ş., a Turkish joint stock company, is a member of BDO International Limited, a UK company limited by guarantee, and forms part of the international BDO network of independent member firms.

Garantisi ile sınırlı bir Birleşik Krallık şirketi olan BDO International Limited'in üyesi ve bir Türk anonim şirketi olan BDO Denet Bağımsız Denetim ve Danışmanlık Anonim Şirketi, bağımsız üye kuruluşlardan oluşan BDO ağının bir parçasını teşkil etmektedir.

## Ýörite aspekt

Bellik etmän, biz siziň ünsüňizi 27-nji bellige bakdyrjak bolýarys. Türkmenistanda kabul edilen Maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna gorä Bank kärli bolup paýlanmadyk peýdasynyň oňyn galyndysyna eýedir. Ýylyň dowamynda Bank Türkmenistanyň Merkezi bankynyň talaplaryna laýyklykda esaslyk maýasynyň gerek derejesine ýetmek üçin paýlanmadyk peýdasynyň bir bölegini maýalaşdyrýar. Berlen maliýe hasabatlylykda paýlanmadyk peýdasynyň galyndysy oňaýsyz, bunuň sebäbi Maliýe hasabatlylygyň halkara standartlary we Türkmenistanda kabul edilen Maliýe hasabatlylygyň milli standartlary boýunça käbir amallaryň hasaplanyşynda aratapawudy.

## Gaýry aspekt

- Bankyň 2017 ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin maliýe hasabaty başga bir garaşsyz auditor tarapyndan geçirilip, onuň 2018-nji ýylyň 31-nji maýyndaky hasabaty bellikli çozgüdi öz içine alýar. Biz Bankyň 2017-nji ýyldaky hasabat döwri üçin garaşsyz auditor barlaglary we maliýe hasabatda gözegçilikleri we beýleki degişli prosduralary amala aşyrmak üçin bellenmedigimiz üçin, biz umumylykda auditor netijesini ýa-da aýaratyn beýleki kepillikleri berip bilmeýäris.
- Bu hasabat, şol sanda görkezilýän pikirler bankyň işgärlerine maglumat we ulanmaklary üçin aýratynlykda taýýarlandy we bu maksat üçin niýetlenendir. Kanun tarapynda göz öňünde tutulan iň ýokary mümkin bolan derejede biziň auditor işimiz Auditor hasabatynda habar bermegimiz üçin borçly bolup durýan meseleler bilen bir hatarda görkezildi we başga maksat üçin niýetlenmedi. Biz munuň başga maksatlar üçin ulanylmagyndan we bu hasabatyň degişli bolup durýan başga haýsydyr bir şahsyň ulanmagyndan jogapkärçilik çekmeýäris.

## Ýolbaşçylaryň we korporatiw dolandyryşy üçin jogap berýän adamlaryň maliýe hasabatlylygy üçin jogapkärçiligi

Ýolbaşçylar MHHS laýyklykda agzalan maliýe hasabatlylygynyň taýýarlanylmagy we dogry berilmegi üçin hem-de ýolbaşçylaryň, göwnejaý däl hereketler ýa-da ýalňyşlar zerarly möhüm ýoýulmalary öz içine almaýan maliýe hasabatlylygy taýýarlamak üçin zerur diýip hasap edýän içerki gözegçilik ulgamy üçin jogapkärçiligi çekýär. Şu maliýe hasabatlylygy taýýarlananda, ýolbaşçylaryň guramany ýatyrmaga, onuň işini bes etmäge hyýallanýan ýa-da onuň ýatyrmaklykdan ýa-da işi bes etmeklikden başga, haýsydyr hakyky oňyn çykalgasy (mümkinçiligi) bolmadyk ýagdaýlardan başga, ýolbaşçylar Bankyň öz işini üznüksiz dowam etdirmek ukybyna baha bermek üçin, degişli ýagdaýlarda işiň üznüksizligine degişli bolan maglumatlaryň aýan edilmegi üçin we buhgalter hasaba alyşyň esaslary hökmünde işiň üznüksizliginiň ýörelgesini ulanmak üçin jogapkärçiligi çekýär. Korporatiw dolandyryşy üçin jogap berýän adamlar Bankyň maliýe hasabatlylygyny taýýarlamak işiniň gidişine gözegçilik etmek üçin jogapkärçilik çekýärler.

## Auditoryň maliýe hasabatlylygyň auditi üçin jogapkärçiligi

Biziň maksadymyz maliýe hasabatlylygynyň göwnejaý däl hereketler ýa-da ýalňyşlar zerarly möhüm ýoýulmalary öz içine alýandygyna laýyk ynamy almakdan we biziň pikirimizi öz içine alýan auditor hasabatyny çykarmakdan ybarat. Laýyk ynam ynamyň ýokary derejesi bolup durýar, emma Auditiň halkara ülňülerine (AHÜ) laýyklykda geçirilen auditiň hemişe bar bolan möhüm ýoýulmany ýüze çykaryp biljekdigininiň kepilligi bolmaýar. Ýoýulmalar göwnejaý däl hereketleriň ýa-da ýalňyşyň netijesi bolup biler we eger-de aýratynlykda ýa-da jeminde olaryň peýdalanyjylar tarapyndan şu maliýe hasabatlylygy esasynda kabul edilýän ykdysady çözgütlere täsir edip biljekdigini çaklap, möhüm diýip hasaplanylýar.

AHÜ laýyklykda geçirilýän auditiň çäklerinde biz professional pikirlenmäni ulanýarys we tutuş auditor barlagynyň dowamynda professional şübheligi saklaýarys.

Mundan başga-da, biz aşakdakylary ýerine ýetirýäris:

- Göwnejaý däl hereketler ýa-da ýalnyş zerarly maliýe hasabatlylygynyň möhüm ýoýulmalarynyň töwekgelçiliklerini ýüze çykarmak we olara baha bermek; şu töwekgelçiliklere jogap edip, auditor işlerini işläp taýýarlamak we geçirmek; biziň pikirimiz aňlatmak üçin esas bolýan ýeterlik we talaba laýyk bolup durýan auditor subutnamalaryny almak. Göwnejaý däl hereketleriniň netijesinde möhüm ýoýulmany ýüze çykarmazlygyň töwekgelçiligi ýalňyşyň netijesinde möhüm ýoýulmany ýüze çykarmazlygyň töwekgelçiliginden ýokary, çünki göwnejaý däl hereketler dildüwşügi, içerki gözegçilik ulgamyndan çetleşip, maglumatlaryň ýa-da hereketleriň bilkastlaýyn görkezilmezligini ýa-da nädogry berilmegini öz içine alyp biler;
- Bankyň içerki gözegçilik ulgamynyň netijeliligi barada pikirini aňlatmak maksady bilen däl-de, ýagdaýlara degişli bolan auditor işlerini işläp taýýarlamak maksady bilen, audit bilen baglanyşykly bolan içerki gözegçilik ulgamyna düşünmekligi almak;
- Ulanylýan hasabat syýasatynyň talaba laýyk häsiýetine we baha möçberleriniň esaslygyna we ýolbaşçylar tarapyndan taýýarlanan maglumatlary degişli aýan etmeklige baha bermek;

- Ýolbaşçylar tarapyndan buhgalter hasaba alyşyň esaslary hökmünde işiň üznüksizligi barada çaklamanyň kanunylygy barada netijäniň, alnan auditor subutnamalar esasynda bolsa Bankyň öz üznüksiz işini dowam etdirmek ukybyna möhüm şübheleriň ýüze çykyp biljekdigininiň wakalary ýa-da şertleri sebäpli, möhüm kesgitsizligiň bardygy ýa-da ýokdugy barada netijäniň emele getirilmegi. Eger-de biz möhüm kesgitsizligiň bardygy barada netijä gelsek, biz auditor hasabatymyzda maliýe hasabatlylygynda degişli aýan edilýän maglumatlara ýa-da eger-de maglumatlaryň şeýle aýan etmesi ýeterlik bolsa, biziň pikirimiz modifisirlemeklige ünsümizi çekmeli. Biziň netijelerimiz biziň auditor hasabatymyzyň senesine çenli alnan auditor subutnamalara esaslanan. Emma geljekki wakalar ýa-da şertler Bankyň öz işini üznüksiz dowam etdirmek ukybyny ýitirip biljekdigine getirip biler;
- Maliýe hasabatlylygyny umumy bermeklige, onuň düzümine we mazmunyna baha bermekligiň, şol sanda maglumatlaryň aýan edilmegi, şeýle hem şu maliýe hasabatlylygynyň onuň özeninde bolan amallaryň we wakalaryň olar barada dogry düşünjä ýetip biljekdigine baha bermekligiň ýerine ýetirilmegi;

Biz korporatiw dolandyryş üçin jogap berýän adamlaryň dykgatyna auditiň meýilnamalaşdyrylan möçberi we möhletleri barada hem auditoryň ünsüni çeken möhüm meseleler barada, şol sanda biziň auditiň işiniň gidişinde (dowamynda) ýüze çykarýan içerki gözegçilik ulgamynyň möhüm kemçilikleri barada maglumatlary ýetirip, olar bilen maglumat babatynda özara gatnaşygy amala aşyrýarys.

Şeýle hem biz korporatiw dolandyryş üçin jogap berýän adamlaryň salgysyna biziň garaşsyzlyga bildirilýän ähli degişli edep talaplaryny ýerine ýetirendigimiz we olaryň dykgatyna auditoryň garaşsyzlygyna täsir edýän diýip hasaplap boljak ähli babatda we gaýry meseleler barada, käbir ýagdaýlarda bolsa ähli degişli seresaplylyk çäreleri barada maglumatlary ýetirendigimiz barada yglan edýäris.

**BDO Denet Bağımsız Denetim ve Danışmanlık A.Ş.**
BDO International Network agzasy

T.C. 1923

Selçuk Şahin, SMMM
Partner

**2019-nji ýylyň 31-nji maýy**
**Stambul**

**TÜRKMENISTANYŇ "TÜRKMENBAŞY" DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY**

**2018-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN**
**ÝYLYŇ PEÝDA ÝA-DA ÝITGILER ŞEÝLE HEM JEMLENILEN GIRDEJI BARADA HASABATY**
*(müň türkmen manatda)*

| | Bellik | 2018 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna | 2017 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna |
|---|---|---|---|
| Göterim girdejileri | 5 | 678,949 | 608,432 |
| Göterim çykdajylary | 5 | (384,965) | (352,134) |
| GÖTERIMLERI HASAPLANÝAN AKTIWLERIŇ HÜMMETINIŇ GAÇMAGYNYŇ ÖŇÜNI ALMAKLYGYŇ ÄTIÝAÇLYKLARYNYŇ EMELE GETIRILMEGINDEN ÖŇ ARASSA GÖTERIM GIRDEJISI | 5 | 293,984 | 256,298 |
| Göterimleri hasaplanýan aktiwleriň hümmetiniň gaçmagynyň öňüni almaklygyň ätiýaçlyklarynyň emele getirilmegi | 15 | (156,673) | (115,633) |
| ARASSA GÖTERIM GIRDEJI | | 137,311 | 140,665 |
| Hyzmat haky girdejileri | 6 | 85,714 | 73,149 |
| Hyzmat haky çykdajylary | 7 | (2,337) | (417) |
| Daşary ýurt walýutasy bilen geçirilen amallar boýunça sap girdeji | 8 | 981 | 1,427 |
| Gaýry girdejiler | 9 | 7,067 | 7,110 |
| Gaýry amaly däl çykdajylar | 10 | (11,350) | (15,984) |
| ARASSA GÖTERIM DÄL GIRDEJILER | | 80,075 | 65,285 |
| Amal çykdajylar | 11 | (76,828) | (65,641) |
| PEÝDA SALYNÝAN SALGYTDAN ÖŇKI PEÝDA | | 140,558 | 140,309 |
| Peýda salgydy | 12 | (42,618) | (33,444) |
| Häzirki peýda salgyt çykdajylary | 12 | - | - |
| Gaýra goýulan salgyt girdeji/(çykdajy) | 12 | (42,618) | (33,444) |
| ÝYLLYK PEÝDA | | 97,940 | 106,865 |
| Gaýry jemlenen girdeji | | | |
| UMUMY JEMLENEN GIRDEJI | | 97,940 | 106,865 |

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Jumagylyjow Jumagylyç**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2019-njy ýylyň aprel aýynyň 30-y
Aşgabat ş, Türkmenistan

**Sarjaýewa Ogulşeker**
**Baş hasapçy**

2019-nji ýylyň aprel aýynyň 30-y
Aşgabat ş, Türkmenistan

11-52-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-5-nji sahypalarda görkezilen.

TÜRKMENISTANYŇ "TÜRKMENBAŞY" DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

**2018-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRY ÝAGDAÝYNA**
**MALIÝE ÝAGDAÝY BARADA HASABAT**
*(müň türkmen manatda)*

| | Bellik | 2018 ý. 31-nji dekabryna | 2017 ý. 31-nji dekabryna |
|---|---|---|---|
| **AKTIWLER** | | | |
| Pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri | 13 | 2,619,193 | 995,280 |
| Banklardaky serişdeler | 14 | 219,608 | 497,171 |
| Üzülýänçä saklanylýan maliýe aktiwler | 15 | 15,887,759 | 12,889,159 |
| Müşderilere berlen karzlar | 16 | 103,000 | 29,400 |
| Maýa goýumlar | 17 | 98,200 | 17,525 |
| Esasy serişdeler | 18 | 88,622 | 91,061 |
| Maddy däl aktiwler | 19 | 3,022 | 3,094 |
| Maýa goýum eýeçiligi | 20 | 10,738 | 10,888 |
| Düýpli gurluşyga berlen hakujy tölegler | 21 | 59,813 | 83,369 |
| Gaýry aktiwler | 22 | 90,535 | 68,404 |
| AKTIWLERIŇ HEMMESI | | 19,180,490 | 14,685,351 |
| **BORÇLAR WE BANKYŇ MAÝASY** | | | |
| BORÇLAR: | | | |
| Banklaryň we beýleki maliýe edaralaryň serişdeleri | 23 | 216,652 | 393,955 |
| Müşderileriň serişdeleri | 24 | 5,952,052 | 4,416,804 |
| Alnan karzlar | 25 | 12,176,308 | 9,173,302 |
| Gaýra goýlan peýda salgydy boýunça borçlar | 12 | 137,926 | 103,938 |
| Gaýry borçlar | 26 | 19,952 | 17,692 |
| | | 18,502,890 | 14,105,691 |
| BANKYŇ MAÝASY: | | | |
| Esaslyk maýa | 27 | 662,000 | 582,000 |
| Esasy serişdelere gaýtadan baha bermegiň ätiýaçlygy | | 16,996 | 17,458 |
| Paýlanylmadyk peýda | | (1,396) | (19,798) |
| | | 677,600 | 579,660 |
| JEMI BORÇLAR WE BANKYŇ MAÝASY | | 19,180,490 | 14,685,351 |

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Jumagylyjow Jumagylyç**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2019-njy ýylyň aprel aýynyň 30-y
Aşgabat ş, Türkmenistan

**Sarjaýewa Ogulşeker**
**Baş hasapçy**

2019-nji ýylyň aprel aýynyň 30-y
Aşgabat ş, Türkmenistan

11-52-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-5-nji sahypalarda görkezilen.

## TÜRKMENISTANYŇ "TÜRKMENBAŞY" DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

## 2018-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ BANKYŇ MAÝASYNYŇ ÜÝTGEMEGI BILEN BAGLY HASABAT

*(müň türkmen manatda)*

| | | Esaslyk maýa | Esasy serişdelere gaýtadan baha bermegiň ätiýaçlygy | Paýlanylmadyk peýda | Jemi maýa |
|---|---|---|---|---|---|
| 2016-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo | 27 | 456,000 | 17,799 | (1,004) | 472,795 |
| **Jemlenilen girdeji** | | | | | |
| Ýyllyk peýda | | - | - | 106,865 | 106,865 |
| **Jemi jemlenilen girdeji** | | - | - | 106,865 | 106,865 |
| **Eýeçiler bilen geçirilen amallar** | | | | | |
| Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek boýunça ätiýaçlygynda üýtgemeler | | - | (341) | 341 | - |
| Esaslyk maýanyň köpelmegi | | 126,000 | - | (126,000) | - |
| **Eýeçiler bilen geçirilen amallaryň jemi** | | 126,000 | (341) | (125,659) | - |
| 2017-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo | 27 | 582,000 | 17,458 | (19,798) | 579,660 |
| **Jemlenilen girdeji** | | | | | |
| Ýyllyk peýda | | - | - | 97,940 | 97,940 |
| **Jemi jemlenilen girdeji** | | - | - | 97,940 | 97,940 |
| **Eýeçiler bilen geçirilen amallar** | | | | | |
| Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek boýunça ätiýaçlygynda üýtgemeler | | - | (462) | 462 | - |
| Esaslyk maýanyň köpelmegi | | 80,000 | - | (80,000) | - |
| **Eýeçiler bilen geçirilen amallaryň jemi** | | 80,000 | (462) | (79,538) | - |
| 2018-njy ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo | 27 | 662,000 | 16,996 | (1,396) | 677,600 |

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Jumagylyjow Jumagylyç**
**Müdiriýetiň Başlygy**
2019-njy ýylyň aprel aýynyň 30-y
Aşgabat ş, Türkmenistan

**Sarjaýewa Ogulşeker**
**Baş hasapçy**
2019-nji ýylyň aprel aýynyň 30-y
Aşgabat ş, Türkmenistan

11-52-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-5-nji sahypalarda görkezilen.

TÜRKMENISTANYŇ "TÜRKMENBAŞY" DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

**2018-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABAT**
*(müň türkmen manatda)*

| | Bellik | 2018 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna | 2017 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna |
|---|---|---|---|
| **AMAL IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Salgyt salmadan öňki peýda: | | 140,558 | 140,309 |
| Aşakdakylara düzedişler: | | | |
| Arassa göterim girdejisine | 5 | (293,984) | (256,298) |
| Göterimleri hasaplanýan aktiwleriň hümmetiniň gaçmagynyň öňüni almaklygyň ätiýaçlygyndaky hereketine | 15 | 156,673 | 115,633 |
| Esasy serişdeleriň könelmesine we maddy däl aktiwleriň amortizasiýasyna | 18,19,20 | 6,973 | 6,680 |
| Gaýry aktiwleriň hümmetiniň gaçmagynyň öňüni almaklygyň ätiýaçlygyndaky hereketine | 22 | - | 1,998 |
| Ulanylmadyk zähmet rugsatlary boýunça ätiýaçlyklardaky herekete | | 305 | 234 |
| Daşary ýurt walýutasy bilen amallar boýunça hümmet (kurs) tapawudyna | 8 | 27 | (23) |
| Amal aktiwlerindäki we borçlaryndaky üýtgemelerinden ozalky amal işinden pul serişdeleriniň hereketi | | 10,552 | 8,533 |
| Amal aktiwlerindäki we borçlaryndaky üýtgemeler: | | | |
| Müşderilere berlen karzlaryň üýtgemegi | 15 | (3,608,920) | (1,588,792) |
| Düýpli gurluşyga berlen hakujy tölegleriň üýtgemegi | 21 | 23,556 | (2,552) |
| Banklaryň serişdeleriniň üýtgemegi | 14 | 277,563 | (36,068) |
| Gaýry aktiwleriň üýtgemegi | 22 | (21,981) | (11,234) |
| Banklaryň we gaýry maliýe institutlarynyň serişdeleriniň üýtgemegi | 23 | (177,303) | (269,563) |
| Müşderileriň serişdeleriniň üýtgemegi | 24 | 1,535,431 | 392,101 |
| Berlen hakujy tölegleriň üýtgemegi | | - | (58) |
| Gaýry borçlaryň üýtgemegi | 26 | 2,260 | 3,785 |
| Salgyt salynmazyndan öň geçirilýän amal işinden pul serişdeleriniň çykyp gitmegi | | (1,958,842) | (1,503,848) |
| Alnan göterimler (+) | 5 | 750,282 | 135,270 |
| Tölenen göterimler (-) | 5 | (385,148) | (220,723) |
| Peýda salgydy, tölenen (-) | | - | - |
| Amal işinden pul serişdeleriniň arassa çykyp gitmegi | | (1,593,708) | (1,589,301) |

**TÜRKMENISTANYŇ "TÜRKMENBAŞY" DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY**

**2018-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABAT (dowamy)**
*(müň türkmen manatda)*

| | Bellik | 2018 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna | 2017 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna |
|---|---|---|---|
| **MAÝA GOÝUM IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Esasy serişdeleriň satyn alynmagy | 18 | (4,110) | (2,965) |
| Maddy däl aktiwleriň satyn alynmagy | 19 | (428) | (90) |
| Üzülýança saklanylýan maliýe aktiwleriň satyn alynmagy | 16 | (75,000) | - |
| Maýa goýumlaryň hasapdan çykarmagyň netijesinde emele gelýän düşewüntler | 17 | - | 2,292 |
| Satuwa elýeter maýa goýumlaryň satyn alynmagy | 17 | (80,675) | (42) |
| Maýa goýum işinden pul serişdeleriniň arassa çykyp gitmegi: | | (160,213) | (805) |
| **MALIÝE IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Esaslyk maýanyň köpelmegi | 27 | (80,000) | - |
| Alnan karzlar boýunça gelip düşmeler | 25 | 3,399,439 | 2,489,325 |
| Alnan karzlaryň esasy möçberiniň tölenilmegi | 25 | (396,433) | (732,676) |
| Maliýe işinden pul serişdeleriniň arassa gelip gowuşmagy | | 2,923,006 | 1,756,649 |
| PUL SERIŞDELERINIŇ WE OLARYŇ EKWIWALENTLERINIŇ ARASSA AZALMAGY | | 1,169,085 | 166,543 |
| Daşary ýurt walýutasynyň hümmetiniň üýtgemeginiň pul serişdelerine we olaryň ekwiwalentlerine edýän täsiri | | 9,867 | 835 |
| PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI, ýylyň başyna | 13 | 1,133,440 | 966,062 |
| PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI, ýylyň ahyryna | 13 | 2,312,392 | 1,133,440 |

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Jumagylyjow Jumagylyç**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2019-njy ýylyň aprel aýynyň 30-y
Aşgabat ş, Türkmenistan

**Sarjaýewa Ogulşeker**
**Baş hasapçy**

2019-nji ýylyň aprel aýynyň 30-y
Aşgabat ş, Türkmenistan

11-52-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-5-nji sahypalarda görkezilen.